# Köz keteniñi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Köz keteniñi KÖZ KETENIÑI




Goý, özgeler geýsin islän lybasyn,
Sen geýip çyk şu gün köz keteniñi.
Dökülsin üstünden nogta saçlaryň,
Geýip çyk şol gadym öz keteniñi!
Jemalyň meňzesin gyzyl şapaga,
Gülýakaň gaşlary ýansyn ýyldyz deý.
Ýigitleriň gözi gidip keşbiňe,
Seni ýüzlerine sylsa-sylsyn, goý.

Ýaşyl baýyrlara çykaly bile,
Guşlaň ganaty deý galgasyn öýmäň.
Durnagöz çeşmeler bahyllyk bilen
Suratymyz alsyn, kemini goýman.

Gideli ýör, görüp seniň keşbiňi,
Ýüzüňi, gözüňi ýelpesin ýeller.
Gülli meýdanlara edeli seýran,
Aýaklaň tozuny öpsün ter güller.

Hem aýdym aýdaly, goý, ol gandyrsyn
Ähli juwan ýürekleriň teşnesin.

Diňläp gyz-gelinler aýdymlarmyzy,
Söýüp, çekibersin söýgi keşdesin.

Goý, özgeler geýsin islän lybasyn,
Sen geýip çyk şu gün köz keteniňi.
Ýaýdanma, uýalma, gel sen, bilsinler
Meniň saňa,
Seniň maňa ýetenňi.

Şadurdy ÇARYGULYÝEW.

1974 ý. Goşgular